# Eýrany täzeden dikeldip gurup bilerdik, ýöne munuñ üçin häzirden herekete geçmeli

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýrany täzeden dikeldip gurup bilerdik, ýöne munuñ üçin häzirden herekete geçmeli EÝRANY TÄZEDEN DIKELDIP GURUP BILERDIK, ÝÖNE MUNUÑ ÜÇIN HÄZIRDEN HEREKETE GEÇMELI




*Eýranyñ ölüp barýan ýurdumyzy ýaşar ýaly ýere öwürmek üçin daşky gurşaw boýunça giñ gerimli döwlet meýilnamasyny işläp düzmäge mätäçligi bar.*
*Alymlar adamlary tebigy gurşawymyza garşy edilen jenaýatlary tersine itip boljakdygyny, ýöne munuñ üçin kän wagtymyzyñ galmandyyny aýdýarlar.* ***(Independent Persian)***
Kakamyñ we garry enemiñ hemişe oý-pikirler, goh-galmagallar, stressler bilen gidişmäge güýç-gurbaty bar.
Men olaryñ şeýle parahat we asuda boluşlarynyñ tebigat bilen ýygjam aragatnaşyk saklaýanlygyndan we oýlanmak üçin wagta mätäçlik duýanlarynda özlerini tebigat gözelliginiñ ygtyýaryna berjek wagt döretmeklerinden gelip çykýandygyna ynanýaryn.




Kakam suwda ýüzmegi halaýar, ol köplenç ýüzüp ýörkä oýlanmagy halaýar. Enem bolsa gününe daşarda ýoga maşklaryny ýerine ýetirmek bilen başlaýar. Tebigat eýranlylaryň milli identiçnostynyň aýrylmaz bölegi. Nowruz, Sizdah Bedar ýa-do Şebi-Ýelda ýaly baýramlarda tebigy dünýäniň köstsiz gözelliklerini gutlaýarys we olara hormat goýýarys.

Maşgalamyň Eýran hakda berýän gürrüňleri ýurdumyň adatdan daşary peýzažynyň şekillendirmeleri bilen doly. Häzirbegjanyň garly gerişlerinden, Kürdüstanyň belentli-pesli Zagrosyna, Huzystanyň Arwand Ruduna (Şattülarap) uzaýan ýatlamalary Eýrany ähli ajaýyplyklary bilen göz öňümde janlandyrýar. Gynansak-da, şeýle ajaýyplyklar näçe wagt bäri howp astynda.

Eýran tebigatynyň harapçylygy, belki-de, režimiň uzak wagta çeken etmişidir, şeýle agyr etmiş ertirki nesilleri tebigat gözelliklerinden mahrum etmegi mümkin.

Urmiýe kölüniň öňki görki çaňa öwrüldi. Hazar deňizinde we Basra aýlagynda öňler deňiz jandarlary dolup-daşýardy, bakir suları henüz kirletilmemişti. Häzir olaryň ikisi-de haýwanat dünýäsiniň we adamlaryň saglygyna howp salýan kanalizasiýanyň hapa suwlaryndan, zir-zibillerden we hapa maddalardan ýaňa hyň berýär. Öňler Demawend dagynyň eteginde arassa mymyjak howa bolardy. Demawend indi adam ömrüne howp salýan zyňyndy maddalardan, galyndy zir-zibillerden doly. Öň aw haýwanlary bilen dolup-daşýan giň jülgeler indi zir-zibiller we zyýanly maddalardan ýaňa tary-mar halda.



Şeýle tragediýalary has-da nebsiagyryjylykly hala getiren zat bolsa, bularyñ biriniñem tötänlikden bolmandygy. Bular ýaramaz hökümetiñ günäsi – öz güýjüni berkitmegi ýurduny we ýurduñ tebigy baýlyklaryny gorap saklamakdan wajyp hasaplan režimiñ zyýanly maddalardaky şöhlelenmesidir.
Özüni baýatmakdan başga maksady bolmadyk režim daşky gurşawyñ eýlesinden girip, beýlesinden çykdy. Obalarymyzy, ekin meýdanlarymyzy suw bilen doldurmagyñ ýerine öz liderleriniñ we ýaranlarynyñ jübülerini doldurýan yoz baraj projeleri yürütüyor. Halkara çaklamalar şu suw krizisiniñ 50 million ýurtdaşymyzyñ migranta öwrülmegine sebåp bolup biljekdigini görkezýär.
Režim diñe ýalpak suwlary ýaramaz peýdalanmak bilenem çäklenmeýär, şol bir wagtyñ özünde guýular gazyp, ýeriñ bagryny eleme-deşik edýär. Şeýle ýykyk-döküi guýular ýerasty suwlarymyzyñ 70%-niñ ýokaryk çykarylmagyna sebäp boldy. Alymlaryñ çaklamalaryna görä suw toplama derejesi halkara standartyñ iki essesine deñ bolsa, ekerançylykdan alynýan hasyllylygyñ derejesi şonuñ ýarysyna-da ýetenok.
Eýran hemişe beýle däldi. Daşky gurşawyñ goragy, täzelenýän energetika we yza dolanma ýaly global syýasy ugurlarda ornaşmazdan öñ atam Eýranyñ tebigatyny gorap saklamak üçin maksatnamalaryñ başyny başlapdy. Döwlet derejesinde ilkinji tebigy baýlyklary gorap saklama maksatnamasyny ýola goýup, suw gorlaryna aýawly çemeleşmek bentleri we suw kanallaryny gurupdy. Hem ynanjyndan, hem Eýrana bolan söýgüsinden alýan güýç bilen derýa, tokaý, batgalyk, öri meýdanlary ýaly tebigy we döwlet eýeçiligine degişli baýlyklarymyzyñ özleşdirilip, girdeji maksatly ulanmak boljakdygyna ynanmady. Gaýtam tersine, bu baýlyklary halk köpçüligi we ertirki nesiller bilen paýlaşmalydy. Ine, «Ak rewolýusiýa» bilen ýeri we tebigy baýlyklary gorap saklamak üçin döwlet eýeçiligine geçirmegiñ añyrsynda şular ýaly çuññur ynanç bardy.
Çölleşmegiñ öñüni almak üçin 9 million agaç nahalynyñ ekilmegini we 250 müñ gektar ýerde ösümlik örtüginiñ hem-de tokaýlaryñ döredilmegini işläp düzdi. Munuñ şugünki gün aşa guraklygyñ sebäp bolýan göz gapyjy tozan-tupanlaryñ ortasynda zordan demi gelip-gidýän Huzystan halkyna uly kömegi degerdi.
Dessanlarymyzda, halk aýdymlarynda, folklor döredijiliginde, edebi eserlerde janlandyrylýan tebigat söýgüsi biziñ mähriban watanymyzdan galan mirasyñ bir parçasy. Gynansak-da, häzirki

režim Eýranyň şu taraplaryna üns berenok. Gaýtam şu meselelere ünsi çekýänleri özüne abanýan howp hasaplaýar.
Atam we garry enem üçin medeniýetimiziň esasy taglymlaryndan biri bilen eýran öleňliklerinj gorap saklamagyň we janlandyrmagyň ugrunda göreşýän aktiwistleri režim içalyçylyk etmekde aýyplaýar. Ýagdaýyň şeýledigi suw gorlaryny, howany, daşky gurşaw standartlaryny aýawly saklamaga çagyrýan aktiwistleri tussag edişindenem we dürli ýanamalara sezewar edýändigindenem görnüp dur.
Ýöne biz heniz ähli umydymyzy tala daňamzok. Eger şu problemalaryň hakykatdanam bardygy boýun alynsa tebigatymyzy täzeden dikeltmekde uly işleri edip bilerdik. Mugallymlar, häkimler, metbugat organlary, hemmämiz bolup doganlarymyz bolan ýurtdaşlarymyza tebigata aýawly garamak babatda düşünje bermäge borçludyrys. Eýranyň içinde hem daşynda alymlary goldamak üçin soňky kyrk ýyldaky weýrançylygyny düzedip biljek meýilnamalar we maksatnamalary işläp düzülýär.
«Anka guşy» maksatnamasy (Phoenix Project) arkaly hünärmenler we beýleki görnükli alymlar talanan ýerlerimizi arassalamagyň ýollaryny gözleýär. Birnäçe suwaryş sistemalarymyzy özgertmek üçin gözleg işlerine we meýilnamalar işläp düzmäge onlarça ýylyny sarp etdiler. Netije aýdyň: Eýranyň ölüp barýan ýurdumyzy ýaşaýyşa dolap getirmek üçin daşky gurşaw düýpli döwlet meýilnamasyna mätäçligi bar. Munuň özi düýpli bilimi, suw yza dolanşygyny, düzedişleri we şordan arassalama maksatnamalaryny-da öz içine alar.
Alymlar adamlary tebigy gurşawymyza garşy edilen jenaýatlary tersine itip boljakdygyny, ýöne munuň üçin kän wagtymyzyň galmandyyny aýdýarlar. Ýurdumyzy täzeden dikeldip gurup bilerdik, ýöne munuň üçin häzirden herekete geçmeli. Hazaryň kenarynyň ýaşyl alaňlaryny, Zagrosyň belentli-pesli gerişlerini we Huzystanyň aňňat-aňňat çägeliklerini görmäge häzirden sabyrsyzlanýaryn we olaryň täzeden dikeldilmeginde aýgytly rol oýnama mümkinçiligim bolar diýip umyt edýärin.



Nur PEHLEWI.
Penşenbe, 05.09.2019 ý. Publisistika